# Baýram handan gazallar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Baýram handan gazallar



- **HA YNAN, HA YNANMA**

Eý, bihabarym, ha ynan, ha ynanma.
Köýdi jigerim, ha ynan, ha ynanma.

Gerçi[1] güzeriň ýok maňa billa ki senden,
Ýokdur güzerim, ha ynan, ha ynanma.

Ýüz pitne göz-ü zülpüň era çyn tapylypdur,
Eý, pitnegärim, ha ynan, ha ynanma.

Sen bolgaly menzuryma[2] we mährige[3] hergiz
Düşmes nazarym, ha ynan, ha ynanma.

Senden habarym bolgaly hakka[4], ki özümden,
Ýokdur habarym, ha ynan, ha ynanma.

Ýok sençe kişi söýgülik il içre ki, ýokdur
Sen dek söwerim, ha ynan, ha ynanma.

Baýram kibi ýegsan gijedur zülpü-ýüzünden
Şam-u säherim, ha ynan, ha ynanma.

## • TAPYLMAS

Men zarga sen dek ýene bir ýar tapylmas,
Sen ýarga men dek ýene bir zar tapylmas.

Köp zar saňa boldy giriftar-u leýken,[5]
Men dek ýene bir zary-giriftar tapylmas.

Älemde ýigit köp tapylur, leýik seniň dek,
Birehim-u jepajyý-u[6] dil-azar[7] tapylmas.

Wah-wah, bu ne sözdür ki köňül esremek[8] içre —
Husi-ähli era sen kibi dildar tapylmas.

Ýa, Reb, maňa täleýi-bergişte[9] durur kim
Serkeşte bolup, munça tiläp, ýar tapylmas.

Ilden tamaýy-mähr-u wepa eýleme, Baýram,
Çün älem era ýary-wepadar tapylmas.

## • BILMES MEN

Nädip eý näzenin, menden melalyň bar, bilmes men!
Neden, ýa Reb, ýetipdir köňlüňge azar, bilmes men?

Melalyň[10] zahyry bilmeý sebäp, jan ýetdi agzyma,
Niçik jan elteýin, ger kylmasaň yzhar, bilmes men.

Girip duşman sözige, dost bilmeý sen meni, leýken
Huda häzir durur, men senden özge ýar bilmes men.

Ne kyldym, ne hata wakyg bolupdyr, weh, ne söz diýip men?

Ki söz gatmas maňa, ol lagly-şeker-bar,[11] bilmes men.

Höwes kyldym any düýş görmek, emma düýşde görgeý men.
Çu hergiz düýşde hem bagtym gözün bidar[12] bilmes men.
Höwes kyldym any düýş görmek, emma düýşde görgeý men

Ne taň[13], ger gaýry birle hemdem bolsa ol güli-ragna,
Jahan bagy era çün bir güli-bihar bilmes men.

Bu katla bir periniň yşkydan köp zarsen, Baýram,
Seni hergiz birew yşkyda mundag zar bilmes men.

Muhammet BAÝRAM HAN.

---

*1. Gerçi – eger-de.*
*2. Menzuryma – nazaryma, gözüme.*
*3. Bu soz aslynda »gaýryga» bolsa gerek.*
*4. Hakka (hakga) – hakykatdan-da, dogrudan-da.*
*5. Leýken-läkin – emma, welin.*
*6. Jepajuý – jepa beriji.*
*7. Dil-azar – horlaýjy, ýürek küsän.*
*8. Esremek-idetmek, aladasyny etmek, mes bolmak.*
*9. Täleýi-bergişte – bagty ýatan, işi gaýdan.*
*10. Melal – gaýgy, gam, gussa, tukatlyk.*
*11. Şeker-bar – bal dökülip duran.*
*12. Bidar – oýa.*
*13. Taň – bu ýerde geň galmak, ajab-a.* Goşgular